# Antik Hindistanda din

Category: Kitapcy,Medisina,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Antik Hindistanda din ANTIK HINDISTANDA DIN




Gadymy Hindistanda agalyk süryän din induizmdi. Indus dininiñ köklerini Weda döwrüne (arianlaryñ b.e.öñki 1500-nji ýyllarda Hindistany basyp almaga girişmegi bilen başlan döwür) çenli yzarlap bolýar.
Hinduizmiñ uly dinleriñ iñ gadymysydygyna we Demirgazyk Hindistanda orta çykandygyna ynanylýar.
Irki Ariana ýa-da Weda medeniýeti ariana bolmadyk medeniýetler bilen sepleşigi klassyky induizm diýilýän zat bilen netijelenen irki induizmdi.
Antiki, klassyky we zamanabap hindi medeniýetiniñ indus düşünjesi bilen köp derejede şekillenendigini aýtmagyñ özi täsin.
Ikisi-de mukaddes hindi ýazgylary bolan «Mahabharatanyñ» we «Ramaýananyñ» soñky müñýyllyklarda köp sanly edebi, çeper, sungat, saz eserleri üçin Hindistanyñ baş ylham çeşmesi hökmünde görüldi.




Epiki döwür dürli garaýyşlaryň we taglymatlaryň hoşniýetliligi sebäpli hindi pelsepewi düşünjesinde altyn döwürleriň biridi.
Hindi medisinasynyň iň meşhur formasy bolan Aýurweda weda žresleri tarapyndan kämilleşdirilsi. Hindi jotişasy häzir Hindistanyň iň ýörgünli astrologiýasydyr.
Dünýä belli meditasiýa sistemasy bolan ýoga hindi düşünjesiniň aşakky sistemalarynyň biridir.
Induizm bilen birlikde gadymy Hindistandaky beýleki esasy dinler buddizm we jaýnizmdi.
Buddizm häzirki Bihar ştatynyň ýerleşýän Demirgazyk Hindistanynda ýüze çykypdyr. Budda öz ýaşan döwründe kän tarapdar toplapdyr.
IX asyra çenli hindistanly tarapdarlaryň sany ýüz millionlara ýetipdir. Gadymy Hindistanda birnäçe heterodoks (иноверие и инославие) dini sektalaram kemala geldi.
Bularyň birem Mahawiranyň bäsdeşi Goşala Maskariputranyň esaslandyran ajiwika sektasydy.
Ajiwika karma (ýa-da «kamma») diýilýän ynanman, takdyryň öňünden kesgitlenendigini we soň üýtgedip bolmaýandygyny öňe sürüpdir.
B.e.öňki VI asyrda Buddanyň we Mahawiranyň beýleki dini döwürdeşleri-de bardy.
Şol döwrüň ýene bir dini ündewçisi Pakuda Katýaýanady. Şol bir wagtyň özünde ol ruhuň ýagşylykdan we ýamanlykdan ýokardadygyny, şeýle-de onuň üýtgewsizdigini we eldegrilmesizdiguni ündäpdir.
Ol hemme zady ýedi topara bölüpdir, ýagny: soňsuz toprak, suw, ot, howa, keýp, gynanç, ruh.
Buddanyň başga bir döwürdeşi Ajita Kesakambala sözüň doly

manysynda materializmi ündäpdir. Ol o dünýä ynanmandyr we ölümi barça ruhlaryň soňky pellesi hasaplapdyr.




• **Aşwamedha Ýagna**

Aşwamedha – at pidakärligi, «Ýajur-Wedada» detallaýyn beýan edilen weda dininiň iň möhüm patyşalyk rituallaryndan biri bolupdyr.

Aşwamedha diňe bir patyşa tarapyndan dolandyrylyp bilinýärdi. Onuň maksady häkimiýetiň we ýeňişiň gazanylmagy, goňşy etraplaryň üstündäki agalyk we patyşalygyň umumy asudalygydy. «Ramaýanada» beýan edilen dabara patyşanyň ogullary bilen mukaddesleşmek maksady bilen ritualy amala aşyrmak isländigi üçin weda ýazgysyndan aýrylmakdy.

Gurban ediljek atyň 24 ýaşyndan uly, ýöne entek 100 ýaşamadyk kiçi aýgyr bolmagy gerekdi.

Ata suw sepildi we baş ruhany gulagyna mantra pyşyrdady. Aty alyp goýan hemmeler däbe laýyklykda näletlendi we günäkärleriň jezasyny alamatlandyrýan it öldürildi.

At beýleki üç araba bilen birlikde ýalpyldawuk araba dakyldy we RW 1.6.1, 2 okaldy.

At soňabaka suwa sürüldi we ýuwuldy. Mundan soň baş melike we patyşanyň beýleki iki aýaly ony ghi (durlanan günebakar ýagy) bilen sypap-sermedi.

Şeýle-de atyň başyny, boýnuny, guýrugyny altyn bilen bezediler.

Mundan soň at buýnuzsyz geçi, wagşy öküz, oduň golaýyndaky gurban gazyklaryna duşaldy we ýene on ýedi haýwan ata daňyldy.

Rawylaryñ biriniñ aýtmagyna görä, hem eldeki, hem ýabany köp sanly haýwan beýleki gazyklara dañlypdyr, jemi 609 haýwan.
Baş melike däbe eýerip, patyşanyñ beýkeki aýallaryny rehim etmäge çagyrýar. Melikeler atyñ maslygynyñ daşynda mantralar okap ýöräpdir.
Baş melike soñabaka öli at bilen jübütleşen ýaly hereket etmäge mejbur bolansoñ, beýkeki melikeler däbe eýerip, seksual meýillerini agzapdyrlar.




Ertesi irden ruhanylar melikäni gijesini at bilen geçiren ýerinden aýyrdy.
Ýüz altyn-kümüşli, bürünç iññeli üç melike atyñ endamyndaky çyzyklara yşarat etdi.
At böleklendi we eti gowruldy. Eti hudaýlara dürli bölekler görnüşinde berildi.
Indi bolsa eposda aýdylyşyna gaýdyp geleliñ:
*«Bize berilen ýazga görä, melikäniñ tutuş gijesini at bilen geçirmändigi anyklanan ylmy seljerme orta atyldy. Medisina taýdan at bile bile süýndi we üsti biýz mata bilen örtüldi. Şol pursat onuñ simwoliki taýdan at bilen birleşendigi aýdylýardy. Jübütleşmegi we önelgeliligi pikirlendiren käbir sözler onuñ we öli atyñ üstünde edildi».*
Umut ATASEWEN,

gadymydünýä taryhçysy / @atasevenoffica

Şenbe, 27.08.2022 ý. Taryhy makalalar